Efir ýaglary, düzümi çylşyrymly suwuklyklar bolup, ösümliklerde emelegelýärler we olaryň ysyny kesgitleýärler. Dünýä ekerançylygynda iň köpmeýdany efir ýagly bägül, narpyz, lawanda, elwan geran, koriandr, muskatşalfeýi ekilen ýerler tutýar. Efir ýaglarynyň esasy düzüm bölegi terpenlerdir. Efir ýaglaryny ösümlikleriň ýaglary köp saklaýan böleklerini (köplenç,ösümlikleriň güllerini, seýregräk – köklerini, ýapraklaryny, pürlerini,baldaklaryny) suw bugy bilen peregonka edip alýarlar. Efir ýaglaryparfýumeriýada, iýmit önümçiliginde we medisinada ulanylýar. Efir ýaglarynyňkäbiriniň täsiri olaryň ysy bilen baglanyşyklydyr, ýagny bimarlary efir ýaglarynyysgatmak arkaly bejerýärler. Käbir ýagdaýlarda efir yaglary wannadakysuwa goşulyp, bimary suwa düşürmek arkaly bejerýärler. Efir yaglary köpdermanlaryň düzümine girýär. Bu ýaglary köp mukdarda ulanmak maslahatberilmeýär.

**Narpyz ýagy**

Bu ýag dermanhanalarda satylýar. Sowuklan bimaryň burnuna, köplenç,1-4 %-li mentol ýagy damdyrylýar, 10 %-li mentol ýagy bimaryň endamynaçalynýar. 3-4 ýaşa ýetmedik çagalara bu ýagy ulanmak düýbünden maslahatberilmeýär.

Narpyz adam organizmini umumy berkidiji serişde hasaplanýar. Bu ýagrahatlandyryjy serişde hökmünde nerw ulgamynyň gowşanda we ukybozulanda, ýürek agyry kesellilere hem-de ysgynsyz bimarlara gowy kömekedýär. Narpyz aşgazan agyrysyny aýyrýar, aşgazan şiresiniň turşulygynykadalaşdyrýar, babasil, guragyry, çagalaryň rahit keselini bejerýär.

Narpyz ýagy dermanhanalarda satylýan mentol ýagyndan has mylaýymgelýär. Eger mentol ýagyny çagalara üç ýaşynda çenli ulanmak rugsatberilmeýän bolsa, narpyz ýagyny ýaňy doglan çagalara hem ulanyp bolýar.Ony taýýarlamak hem örän aňsat. Owradylan gury narpyz ýapragynyň üstüneislendik ösümlik ýagyny guýmaly. Ikisi gowy garyşar ýaly garmaly we agzygapakly aýna gaba salyp, garaňky ýerde üç hepde saklamaly. Bellenilenmöhletden soň ýagy süzüp alyp, ulanybermeli.

**Anis ýagy**

Bu ýag anisiň tohumyny suwuň bugy bilen işlenilip alynýar. Anis ýagybimaryň nerw ulgamyna oňaýly täsir edýär, gaharyny ýatyrýar. Üsgülewük,bronhit we öýken kesellerini bejermek üçin ulanylýar. Ony içege, aşgazankesellerini bejermekde hem ulanýarlar.

**Pihta ýagy**

Bu ýag dermanhanalarda satylýar. Pihta ýagy bornilasetata, kamfene,borneola, dipentene we askorbin kislotasyna baýdyr. Bu ýag zyýanlymikroorganizmlere we sowuklama garşy

Все права защищены

ulanylýar. Ol aşgazan-içegeýollaryny, ýürek-damar kesellerini, kelle agyryny, deri kesellerini bejermekdewe gan basyşyny kadalaşdyrmakda ulanylýar.

Pihta şiresi ady belli derman bolan Wişnewskiniň çaluw serişdesiniň(mazynyň) düzümine hem girýär. Bu goýy şireden alynýan skipidarlukmançylykda giňden ulanylýar.

Pihta ýagy ýapyk gapda garaňky ýerde saklanylmalydyr, oňa günüňşöhlesi düşmeli däldir.

Pihta ýagy adam organizminde toplanmak häsiýeti bar, şonuň üçin onyuzak wagtyň dowamynda we artykmaç mukdarda ulanmak bolmaýar. Buýag pürli agaçlar allergiýa döredýän, aşgazany ýaraly adamlara ulanmakzyýanlydyr.

**Ilang-ilang ýagy**

Adyndan belli bolşy ýaly, bu ýag ilang-ilang agajynyň gülünden alynýar.Ilang-ilang ýagy dowamly ulanylsa, organizmiň gan basyşyny sazlaýar. Buýag ukusyzlykdan, ýadawlykdan, howsalalykdan ejir çekýän adamlaraulanmaklyk maslahat berilýär. Onuň ýakymly ysy adamyň dartgynlylygynygowşadýar we ony rahatlandyrýar. Bu ýag içegedäki infeksiýalary ýok etmekwe deri kesellerini bejermek üçin hem ulanylýar.

**Ukrop ýagy**

Bu ýagy çylşyrymly bugardyş usulyny ulanyp, ukropyň tohumyndanalýarlar. Ukrop ýagy üsgülewük we sowuklama kesellerinde ulanylýar. Oliçi sürüji, göçgünliligi, gaharjaňlygy peseldiji, organizmdäki zyýanlymikroorganizmleri ýok ediji, damarlaryň gysylmaklygyny gowşadyjy weagyryny aýryjy serişde hökmünde ulanylýar.

Ukrop ýagynyň kömegi bilen inçekeseli, kellagyryny, ukusyzlygy,ýokarlanan gan basyşyny, ýürek-gandamar ulgamy bilen baglanyşyklykeselleri, galyberse-de, ýag-deri kesellerini we iriňli ýaralary bejermek üçinhem ulanylýar.

**Şemşat BÖRIÝEWA**
**S.A.Nyýazow adyndaky**
**Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены